Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№14 (163) 2026-njy ýylyň 20-nji maýy



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**11-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Premýer-ministriniň ýanyndaky Syýasy meseleler boýunça konsultatiw komitetiň başlygy Tan Şri Mohd Hassan Marikany, «PETRONAS» kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy we baş ýerine ýetiriji direktory Tan Şri Tengku Muhammad Taufigi, «PETRONAS» kompaniýasynyň Baş önümçilik direktory, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, gözleg we agtaryş, özleşdirme we çykaryş bölümçesiniň baş ýerine ýetiriji direktory Mohd Jukris bin Abdul Wahaby kabul etdi.

***

**11-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**12-nji maýda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Malaýziýanyň Premýer-ministriniň ýanyndaky Syýasy meseleler boýunça konsultatiw komitetiň başlygy Tan Şri Mohd Hassan Marikan bilen duşuşdy.

***

**13-14-nji maýda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna sapar amala aşyrdy.

***

**15-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hindistan Respublikasynyň Prezidenti Draupadi Murmuwa, Premýer-ministri Narendra Moda ýurduň Uttar-Pradeş ştatynda bolup geçen güýçli tupanlaryň we ýagyşlaryň köp sanly adam pidalaryna, şikes ýetmelere hem-de weýrançylyklara getirendigi zerarly gynanç hatyny iberdi.

***

**15-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

Ýakynda Paýtagtymyzda türkmen atşynaslarynyň Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde «Gündogaryň merjeni» ady bilen geçirilen atly sport we gözellik bäsleşiklerine gatnaşyp, ýokary derejeli baş baýraklara mynasyp bolmagyna bagyşlanan dabara guraldy. Iki halkyň dost-doganlygynyň medeni çäreler arkaly has-da berkidilýändiginiň nyşanyna öwrülen dabara «Daşkent» dynç alyş seýilgähinde ýaýbaňlandyryldy.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan—bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi halkara giňişlikde uly gyzyklanma eýe boldy. Şu mynasybetli goňşy we alysdaky ýurtlarda Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna beslenýän ýylyň şygaryny wagyz etmek, behişdi bedewleriň dünýädäki şan-şöhratyny mundan beýläk-de artdyrmak maksady bilen dürli çäreler geçirilýär. Ýakynda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde «Gündogaryň merjeni» ady bilen geçirilen atly sport we gözellik bäsleşikleri, «Ahalteke bedewi — halklaryň dostlugynyň nyşany» atly halkara ylmy-amaly maslahat hem ahalteke atlarynyň halklaryň arasynda dost-doganlygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň, ynanyşmagyň pugtalandyrylmagynda möhüm orun eýeleýändigini nobatdaky gezek aýdyň görkezdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### A SCIENTIFIC AND PRACTICAL CONFERENCE WAS HELD

On May 14, 2026, a scientific and practical conference: "The Constitution of Turkmenistan — the Legal Foundation for the Development of International Cooperation" was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, dedicated to the Constitution Day and the State Flag Day of Turkmenistan. The professors-lecturers, and students of the institute as well as specialists from the Institute of State, Law and Democracy of Turkmenistan attended the conference.

The speakers at the conference particularly emphasized that the constitutional principles of Neutral Turkmenistan serve as the basis for the harmony between the country's domestic and foreign policies. The participants also shared scientific views and valuable information on the improvement of constitutional human and civil rights in our country, as well as on the reflection of national moral principles within the legal system.

The speeches highlighted that the Constitution of Turkmenistan is a bright symbol of the great future of our Motherland and the prosperous life of the people, while the constitutional reforms being carried out are of great importance for improving the legal foundations of the state.



### СОСТОЯЛАСЬ ЦЕРЕМОНИЯ ВОЗЛОЖЕНИЯ ЦВЕТОВ С УЧАСТИЕМ КИТАЙСКОЙ ДЕЛЕГАЦИИ

14 мая 2026 года состоялась торжественная церемония возложения цветов с участием делегации Китайской Народной Республики, прибывшей в нашу страну для участия в Международной научно-практической конференции «Внешняя политика и дипломатия Туркменистана: сотрудничество во имя мира, безопасности и устойчивого развития» и III Международном конкурсе «Международные отношения: культура мирного диалога», состоявшихся в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

Церемония началась у величественного памятника Махтумкули Фраги, расположенного в культурно-парковом комплексе «Magtymguly Pyragy» у подножия Копетдага. Участники мероприятия – члены делегации и студенческая молодежь института – почтили литературное наследие великого мыслителя и поэта Востока, отметив актуальность его гуманистических идей и их значимость для укрепления взаимопонимания между народами.



Продолжая мероприятие, участники посетили памятник знаменитому китайскому поэту Ду Фу. Возложение цветов к подножию памятника стало символом глубокого уважения к китайской культуре и укрепления гуманитарных связей между двумя дружественными народами.

**«Голос молодого дипломата».**

# TÜRKMENISTAN — TATARYSTAN: özara bähbitli hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar



Häzirki wagtda hemişelik Bitarap döwletimiziň esasy strategik hyzmatdaşlarynyň biri Russiýa Federasiýasydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda döwletlerimiziň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe barha berkidilýär. Aýratyn-da, doganlyk ýurduň iri sebitleri boýunça göni gatnaşyklary pugtalandyrylmaga ähmiýet berilýär. Şunda ýurdumyzyň Tatarystan Respublikasy bilen alyp barýan oňyn hyzmatdaşlygy bellenilmäge mynasypdyr. Şu ýylyň 13-14-nji maýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna amala aşyran sapary hem ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň barha berkidilýändigini doly aýdyňlygy bilen subut etdi.

Türkmen-tatar gatnaşyklary iki halkyň çuňňur taryhy köklere esaslanyp, iri möçberli bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde öz beýanyny tapýar. Şoňa görä-de, Kazanyň Gabdulla Tukaý adyndaky Halkara howa menzilinde Gahryman Arkadagymyzy Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow hem-de ýurdumyzyň resmi wekiliýetiniň agzalary mähirli garşyladylar. Günüň ikinji ýarymynda Kazan Kremlinde hormatly Arkadagymyz bilen Tatarystanyň Baştutanynyň arasynda ikiçäk duşuşyk geçirildi.

Iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda Milli Liderimiz bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutanynyň arasynda resmi duşuşyk hem geçirildi. Rustam Minnihanow Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň ähmiýetine ünsi çekdi. Gahryman Arkadagymyz «Russiýa — Yslam dünýäsi: KazanForum — 2026» XVII halkara ykdysady forumynyň Tatarystanyň barha artýan halkara abraýyna şaýatlyk edýändigini aýtdy hem-de Kazanyň şu ýylda «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli gutlaglaryny beýan etdi.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlykda täze sepgitlere ýetilýär. Gahryman Arkadagymyzyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna şu gezekki saparynyň çäklerinde Prezident Wladimir Putin bilen hem telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi.

14-nji maýda Gahryman Arkadagymyz dostlukly ýurda saparynyň çäklerinde Kazan halkara atçylyk sport toplumyna baryp gördi. Sport toplumynda hormatly Arkadagymyz we RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany sport toplumynyň çäginde Tatarystanyň oba hojalyk önümlerine bagyşlanan sergini, şol sanda atlara bagyşlanan sungat eserlerini synladylar.

Milli Liderimiz hem-de Rustam Minnihanow soňra at çapyşyklaryna tomaşa etdiler. Oňa türkmen çapyksuwarlary hem gatnaşdylar. Kazan halkara atçylyk sport toplumynda geçirilen ilkinji at çapyşygynda ýurdumyzyň ussat çapyksuwary B.Agamyradow ýnamly ýeňiş gazandy. Bu gezekki geçirilen at çapyşyklarynda türkmen çapyksuwarlary tatar atlarynda ýaryşa gatnaşdylar. At çapyşygyndaky baýraklar ahalteke atlarynyň hormatyna goýuldy. Olary almak bolsa türkmen türgenlerine nesip etdi. 1 müň 800 metr aralyga geçirilen ýene bir çapyşykda ýurdumyzyň çapyksuwarlary ezberliklerini görkezdiler. Bu çapyşykda B.Berdimuhammedow pellehana birinji bolup gelmegi başardy. Gahryman Arkadagymyz ýeňiji bolan ussat türkmen çapyksuwarlaryna kuboklary gowşuryp, olary gazanan ýeňşi bilen gutlady.

Ýeri gelende bellesek, 13-nji maýda Kazanda açylan ICESCO-nyň Baş maslahatynyň 15-nji mejlisinde ýurdumyza Yslam dünýäsiniň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynda synçy derejesi berildi.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz Kazan şäheriniň «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň maslahatyna gatnaşdy. Milli Liderimiz bu maslahatda çuňňur mazmunly çykyş edip, birnäçe anyk teklipleri hödürledi. Bu teklipler doly goldawa eýe boldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ESASY KANUNYMZ — DÖWLETLILIGIMIZIŇ MIZEMEZ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir günümiz toýdur baýramlara, şanly senelere beslenýär. Ýurdumyzda toýlar toýa ulaşýar. Goşa mukaddesligimiz — Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününiň giň dabaralara beslenip bellenilip geçilmegi hem ýurdumyzyň kanunçylyk ulgamynyň berkidilmegi, döwletliligimiziň mizemez binýadynyň has-da pugtalandyrylmagy ugrunda ägirt uly işleriň durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Garaşsyz Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň — Konstitusiýasynyň kabul edilmegi bilen, demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň gurluşynda ilkinji aýgytly ädimler ädildi. Bu möhüm resminamada döwlet gurluşynyň esaslary, adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary, erkinligi we borçlary, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň gurluşy, ýurduň saýlaw ulgamy kesgitlenip, ol türkmen halkynyň taryhy mirasyna, däp-dessurlaryna, ýaşaýyş-durmuşyna, milli häsiýetine laýyklykda esaslandyryldy.

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzyň ähli ulgamlary bilen bir hatarda hukuk ulgamynda hem ägirt uly ösüşler gazanylýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli kanunçylygymyz yzygiderli berkidilýär, degişli hukuknamalary halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär. Milli kanunçylygymyzyň mizemez binýady bolsa Esasy Kanunymyz — Türkmenistanyň Konstitusiýasydyr. Her ýylyň 18-nji maýynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni hökmünde bellenilip geçilmegi kanunçylyk ulgamynda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeleriň döwletiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine we türkmen jemgyýetiniň demokratik hem-de hukuk esaslaryny berkitmäge gönükdirilýändigini doly aýdyňlygy bilen tassyklaýar.




Gahryman Arkadagymyz: «Biz «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasaty alyp barýarys. Şonuň üçin hem ilaty hukuk taýdan goldamagyň dürli usullaryny ulanarys. Raýatlarymyzyň Konstitusiýada kepillendirilen hukuklaryny goramak boýunça işleri dowam etdiriler» diýip örän jaýdar belleýär. Milli Liderimiz tarapyndan başy başlanan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän kanunçylyk-hukuk özgertmelerinde jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy bolan adamyň bähbitlerini, hukuklaryny we azatlyklaryny goramak ileri tutulýar. Şol ýörelgeler ýaşlary terbiýelemek boýunça halkymyzyň gadymdan gelýän ruhy-ahlak, umumadamzat gymmatlyklary we asylly däp-dessurlary bilen sazlaşykly utgaşýar. Ýaş nesliň we tutuş ilatyň konstitusion hukuklary hem-de azatlyklary üpjün edilýär.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, her ýylyň 18-nji maýynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni hökmünde bellenilip geçilmegi halkymyzyň taryhyň çuňluklaryndan gözbaş alyp gaýdýan döwletlilik ýörelgeleriniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dowamat dowam bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Hudaýberdi ROZYKOW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

## BUÝSANJYM

*Baýdak – bu halkymyň baky barlygy,*
*Baýdak – sežde eden Oguz ýaýlamsyň.*
*Sen giden manysyň türkmen kalbynda,*
*Türkmen ady bilen dünýä ýaýransyň.*

*Meniň ykbalymda buýsanç bolupdyň,*
*Men saňa sygyndym tapdym öz bagtym.*
*Seň bilen ýaşaýar ynam, ygrarym,*
*Senden kuwwat aldym ejizlän wagtym.*

*Döşümde nyşanym, ýagtyldýar ýolum,*
*Bäş müň ýyllyk taryhyma şaýatsyň.*
*Golundan düşmedik ata-babalaň,*
*Sen beýik ýaşaýşa iteren batsyň.*

*Seň bilen oýandy bu ajap ertäm,*
*Pasyrdyňda dörär jadyly mukam.*
*Sende pederleriň ruhy ýatandyr,*
*Sende il-günümiň arzuwy bekän.*

*Sensiz barlyk ýokdur, ýokdur ýaşaýyş,*
*Saňa sygynmakdan beýik bagt ýok.*
*Sensiz şu günüm ýok, ýokdur ertirim,*
*Keremiň hiç zada deňäp bilemok.*

*Pasyrda baýdagym, buýsanjym bolup,*
*Şan-şöhrata dol sen, dünýäň ýüzüne.*
*Ýaşyl tugum baky çaýylsyn nuruň,*
*Hak nazary siňen türkmen düzüne.*

*Jumaberdi ARTYKOW,*
*Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy,*
*«Ýaş diplomatyň sesi».*

NEWS

14 мая состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана А.Гурбанова с Послом Республики Кипр (с резиденцией в г. Москва) Кипросом Йоргаллисем.

# В дружбе — сила, в единстве — жизнь

Две дружественные державы Центральной Азии на протяжении многих лет неуклонно укрепляют свои отношения, опираясь на незыблемые принципы равноправия, глубокого взаимного уважения и долгосрочного стратегического партнерства. Этот союз стал яркой страницей в истории международного сотрудничества. Дипломатические отношения между соседними государствами были официально установлены в феврале 1993 года, заложив фундамент для тесного взаимодействия. Два народа, пьющих воду из одной реки и исповедующих одну религию, всегда были неразрывно связаны единой нитью судьбы, общей историей и культурой. Общие предки, схожие традиции, языки, уходящие корнями в одну тюркскую семью, и богатейшее культурное наследие, переплетенное в шелковых узорах и мелодичных струнах дутара, создали между ними неразрывную связь. Дорогие читатели, вы наверняка уже задались таким вопросом: о каких братских странах, объединенных крепчайшей дружбой, идет статья?

Безусловно, статья посвящена Туркменистану и Узбекистану – странам, чьи узы добрососедства становятся сильнее с каждым годом. На протяжении многих лет между двумя государствами сложились доверительные политические связи, что подтверждается визитами лидеров обеих стран. Важно отметить, что Туркменистан стал первой страной, которую посетил Президент Узбекистана Шавкат Мирзиёев в рамках своего государственного визита в марте 2017 года. В ходе его визита в нашу страну состоялись торжественные мероприятия по случаю открытия нового автомобильного моста и железной дороги Туркменабат-Фарап. Введение в эксплуатацию ключевых транспортных коридоров обеспечивает прямой выход грузопотокам из стран Азиатско-Тихоокеанского региона и Южной Азии к Каспийскому морю. Это открывает пути для дальнейшей транспортировки грузов в Черноморский и Средиземноморский регионы, а также в страны Европы, Закавказья, Ближнего и Среднего Востока. Необходимо подчеркнуть, что 17 ноября 2025 года была открыта первая в своём роде Зона приграничной торговли «Шават – Дашогуз», расположенная на границе Хорезмской области и Дашогузского велаята. Эта зона создана для стимулирования экономического сотрудничества между Туркменистаном и Узбекистаном, обеспечивая благоприятные условия для торговли и инвестиций. Подобные инициативы и развитие транспортных связей существенно облегчают передвижение людей, способствуя активному обмену культурными ценностями и идеями. Они не только ускоряют физическое перемещение, но и играют ключевую роль в формировании более тесных социальных связей между нашими народами.





Узбеки и туркмены — наследники и хранители глубоких культурных и научных традиций. Общим достоянием наших народов является творчество великих поэтов и мыслителей, таких как Алишер Навои и Махтумкули Фраги. Яркими символами прочной дружбы, единства и духовной близости стали знаковые события последних лет. В столице Узбекистана, Ташкенте, была открыта улица, носящая имя выдающегося туркменского философа и классика литературы Махтумкули Фраги. Там же установлен барельеф с его изображением, ставший воплощением глубокой народной мудрости.

Важно отметить, что 23 апреля 2018 года был торжественно открыт парк «Ашхабад», в котором расположены игровые зоны, детские площадки, беговые и велосипедные дорожки, а также уютные места для семейного отдыха. В Ургенче открылся Дом узбекско-туркменской дружбы, который служит важной платформой для реализации совместных инициатив и творческих мероприятий. Как известно, в независимом и нейтральном Туркменистане есть улица имени знаменитого узбекского поэта и мыслителя Алишера Навои. Глубоко символично, что она пересекается с проспектом Махтумкули — это вновь подчеркивает неразрывную связь наших культур. 22 октября 2022 года в туркменской столице, Ашхабаде, был открыт парк «Ташкент», где каждый гость может окунуться в атмосферу солнечного Узбекистана. Эти события укрепляют дружбу и взаимопонимание, напоминая нам о важности сохранения культурного наследия и ценностей, объединяющих наши народы.

В настоящее время отношения между Узбекистаном и Туркменистаном характеризуются подлинным стратегическим партнерством, основанным на взаимном доверии и дружбе. Каждый совместный проект и инициатива способствуют укреплению мира и стабильности в Центральной Азии. Это сотрудничество в культурной и политической сферах создает крепкие связи, способствуя развитию братства и открывая новые горизонты для будущих поколений.

**Майса АШИРОВА,**
студентка 4-го курса факультета
международной журналистики.

# GARRYGALA MYHMAN BARSAŇ...

***Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda döredijilik bäsleşikleri jemlendi***

...Ýaşyl begresi egnine atyp, gül-gülälege beslenip oturan daglaryň gözelligini synlap barşyňa, dünýäniň akyldary Magtymguly Pyragynyň: «Seýl edeliň bu jahana, // Jahanda näler görüner» diýen setirleri seriňe gelýär. Daglar — tebigatyň ajaýyp sungat eseri. Türkmeniň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň nazary siňen topraklaryň ajaýyplygy islendik döredijilik bilen meşgullanýan ynsany biparh goýmaýar. Awtobusuň içinde Magtymguly etrabynyň çägine giren badymyza «Garrygala myhman barsaň, // Gujagyny geren daglar» diýen aýdymyň astynda döredijilik dünýäsiniň dürlerini taraşlaýan ýaşlaryň pikir ummanyna çümüp barşyny synlanyňda hem munuň şeýledigine göz ýetirýärsiň. Giden taryhyň syrlaryny özüne siňdiren belent daglaryň gerişlerini, al-ýaşyl bagy-bossany, gözel Sumbar jülgesini, asuda asmanda erkana ganat ýaýýan guşlary görüp neneň joşmajak, neneň goşgy goşmajak?! Ine, hut şu nukdaýnazardan ýakynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi we ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň guramaklarynda geçirilen dürli döredijilik bäsleşikleriniň jemleriniň dana şahyr Magtymguly Pyragynyň önüp-ösen mekany bolan Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda jemlenilmegi möhüm ähmiýete eýe boldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Okamak — bereket, ýazmak — kuwwat, döretmek bereketdir» diýip jaýdar belleýşi ýaly, täze taryhy döwrümizde ata Watanymyzyň beýik ösüş-özgerişlerini giňden wagyz etmekde, döwlet berkararlygymyzyň binýadyny berkitmekde döredijilik işgärleriniň hyzmatlary uludyr. Şoňa görä-de, häzirki wagtda döredijilik bilen meşgullanýan ýaş nesilleri höweslendirmek, olaryň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmek, bu ugurda täze zehinleri ýüze çykarmak maksady bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi hem-de ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň redaksiýalary tarapyndan birnäçe döredijilik bäsleşikleri guralýar. Ýakynda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda «Berkarar döwletiň ylham joşguny», «Ýaşlar — beýik geljegi gurujylar», «Garaşsyzlyk bilen galkynan gözel Diýar», «Watanymyzyň Garaşsyzlygy — ylham çeşmesi», «Köken», «Türkmen bedewi — at-myratly Watanyň göz guwanjy» atly döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlenilip, ýeňijiler sylaglanyldy.

Ir bilen döredijilik işgärleri, halypa ýazyjy-şahyrlar, bäsleşigiň ýeňijileri, Ýaşlar guramasynyň wekilleri hem-de işjeň agzalary, sungat ussatlary Magtymguly Pyragynyň ýadygärligine gül çemenlerini goýdular. Bu dabara Gündogaryň nusgawy şahyryna goýulýan hormat-sarpanyň nobatdaky nyşanyna öwrüldi. Balkan welaýatynyň meşhur sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazly çykyşlary dabaranyň mazmunyny baýlaşdyrdy. Ýokary ruhubelentlikde ýerine ýetirilen çykyşlar Milli Liderimiziň hem-de döwlet Baştutanymyzyň tagallalary bilen ata Watanymyzda alnyp barylýan beýik işleriň, täze taryhy döwrümiziň ajaýyp waspy bolup ýaňlandy. Umuman, Magtymguly etrabynda guralan dabaralar ýaşlaryň we döredijiligiň baýramyna öwrüldi. Şeýle bäsleşiklere türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyplarynyň hem gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolmagy aýratyn guwandyryjydyr. Has takygy, «Nesil» gazetiniň yglan eden «Berkarar döwletiň ylham joşguny» atly bäsleşiginde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Gurbansähet Gurbansähedow Baş baýraga mynasyp boldy. Bu bäsleşikde maňa-da 1-nji orny eýelemek bagty miýesser etdi. Ýeri gelende bellesek, «Türkmenistan» gazetiniň guramagynda geçirilen «Ýaşlar — beýik geljegi gurujylar» atly bäsleşiginde Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Mätgurban Mätgurbanow 1-nji orna mynasyp boldy.

Umuman, sylaglamak dabarasynyň maksatnamasynda göz öňünde tutulan baý mazmunly çäreleriň ählisi — Magtymguly etrabynyň Gerkez obasyndaky akyldar şahyryň muzeýine gezelenç, etrabyň medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetirmeginde guralan aýdym-sazly çykyşlar, sergiler, döredijilik duşuşyklary ýaşlara ýatdan çykmajak täsirleri peşgeş berdi, olary täze-täze eserleri döretmäge ruhlandyrdy.

Goý, biz — ýaş nesilleriň döredijilik bilen meşgullanmagymyz, täzeden täze eserlerimiz bilen döwrümiziň sesine ses goşmagymyz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Ylhas HALLYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby,
«Ýaş diplomatyň sesi».







From May 13 to 14, 2026, a delegation from Turkmenistan led by D. Gulmanova, Chairperson of the Mejlis, conducted a working visit to the Republic of Uzbekistan.

# GÜLMEK ÖMÜRDEN



Käte durmuş biziň kalbymyzda bir sebäp bilen gaýgy-gussa döreýär, ýüregiň ýaralanýar, sussuň basylyp ýadaýarsyň. Şol agyr gussanyň içinde otyrkaň, bir ýerden gülki sesi eşidilse, hamala tupanly gijeden soň ýalpyldap dogan Gün şöhlesi ýaly bolup, kalbyňdaky ähli ünji-aladalar zym-zyýat bolýar.

Görsene, gülki bilen gussanyň arasyndaky perdäniň örän inçedigini. Köplenç ýüze çykýan kynçylyklaryň içinden gülüp geçäýmek aňsat däldir. Ýöne egniň ýükli bolsada, gülmegi başarýan ynsanlaryň barlygy weli çyn. Meniň pikirimçe, şeýle adamlar dünýäniň iň merdana ynsanlarymyka diýýän. Çünki bu häsiýet, köneler aýtmyşlaýyn, durmuşyň kynçylyklaryny mertlerçe külterleýänligiň alamaty bolup, kalbyňda ejizlige birjigem ýol bermejek kişiniň başaraýjak işi. Meselem, synag döwründe ýüze çykaýjak kynçylygy taýýarlanyp ýeňmek hemmelere başardaýjak ýaly. Sebäbi «ejizlige» gol beren talyp okaýan döwründe sapaklarynda biperwaýlyga ýol berse, erteki gün öňünde kynçylyklar göz-görtele keserer. «Men ýaşaýaryn, men durmuşy söýýärin we men geljege umyt edýärin» diýen ynamly düşünjeler, durmuşyň ýagty ýoluna iterýär. Şonda ýürekden çykýan bir begençli ýylgyryş, kalpdaky döreýän iň uly kynçylyklaryň hem melhemi bolup bilýär.

Hakyky gülki — bu ynsan ruhunyň kerep baglan duýgularynyň ähli zynjyrlaryny üzüp, arassa duýgynyň erkinlige çykyşyna meňzemänem duranok. Adam tüýs ýürekden gülen wagty, dünýäniň dumanly aladalaryndan, kerep baglap giden duýgularyndan we ynsany biynjalyk edýän kiçeňräk gaýgylardan daşlaşyp, kalp atly deňziň arassa we asuda kenaryna dolanýar.

«Gülmek ömürdendir» diýen pähimli jümle ýöne ýere dörän däldir. Sebäbi her bir ýürekden çykan ýylgyryş adamyň içki dünýäsini täzeleýän, oňa ýaşamak üçin täze güýç berýän gudratdyr.

Durmuşda nähili kynçylyklar bolup geçse-de, ýüregiňizdäki şol çagalyk gülküsiniň öçmegine ýol bermäň! Goý, her bir ýylgyryşyňyz kalbyňyzyň dury owazy bolup dünýä ýaýrasyn. Ýüzüň nury — gülki, ruhuň diriligi — bagt. Ýylgyrýan ynsanlar dünýäniň iň uly gözelligidir.

**Maýsa BEKIÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# SABYR — RUHUBELENTLIGIŇ HEMRASY



Durmuş diýilýän çylşyrymly ýolda ynsanyň iň uly daýanjy, ruhy galkany sabyrdyr. Sabyr diňe bir garaşmak däl, eýsem, kynçylyklaryň öňünde dyza çökmezlik, kalbyňy tämiz saklamagy başarmakdyr. Biz, köplenç, isleglerimiziň şol pursatda hasyl bolmagyny isleýäris, emma wagtyň we takdyryň öz akymy bar. Şol akymda ýolumyzy ýitirmezlik üçin bolsa bize sabyr gerek.

Gündogar pelsepesinde sabyr — ähli üstünlikleriň açary, paýhasyň gözbaşy hasaplanýar. Sabyrly ynsan durmuşyň urgularyna döz gelmegi, her garaňky gijäniň aňyrsynda bir ýagty ertiriň bardygyna ynanmagy başarýar. Emma sabyr diýmek gol gowşuryp oturmak däl-de, kalbyňda sarsmaz ynamy saklap, maksada tarap ynamly ädim ätmekdir.

Sabyr aslynda ýeňişdir. Ol ynsanyň öz nebsiniň, gyssanmaçlygynyň we gorkularynyň üstünden gazanan iň uly ýeňşidir. Sabyrsyzlyk bolsa, adamynyň öz bagtyna bökdençlik döretmegidir. Gyssanmaçlyk bilen edilen işde bereket bolmaz, emma sabyr bilen bişen miwe süýji bolar.

Durmuşda hemme zat sabyr bilen gurlan. Tohumyň ýer astynda gögermegi üçin wagt we sabyr gerek. Perzendiň kemala gelmegi, hünär öwrenmegi, ylymly bolmagy bularyň her biri uly sabyry talap edýär. Berdinazar Hudaýnazarowyň aýdyşy ýaly, sabyrly ynsan elmydama gadyrlydyr we onuň işi rowaçdyr. Çünki sabyr — bu diňe bir garaşmak däl, eýsem, garaşyp bilmek medeniýetidir.

Sabyr ruhuň iň belent we asylly sypatydyr. Kalby sabyr bilen bezelen ynsan her bir kynçylygyň mümkinçilikdigine düşünýär. Goý, sabyr biziň her birimiziň durmuş ýolumyzda sönmez çyragymyz, ruhy guwanjymyz bolsun.

**Güljemal ALLAGULYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
1-nji ýyl talyby.

# Life: "A Miracle in a Single Breath"

Life is not merely a time span between birth and death; it is a vast canvas where every moment can be painted with different colors. On this journey, each of us face with different paths, challenges, and unique beauties. We learn something new in every moment of life. Sometimes we make mistakes, but these mistakes make us stronger and wiser. Life's greatest lesson is this: "If you want to change the world, start with yourself". Experiences are the most valuable teachers that life offers to us. Success achieved without hardship is usually not lasting. To reach the summit of the mountain, one must be willing to endure hardship.

When life throws obstacles in our way, these are actually tests of our patience and willpower. At these moments, it's important not to lose hope, to know that there is always light at the end of the darkness. Many of us are trapped between the regrets of the past or the anxieties of the future. Yet the only real thing we possess is "the present moment". The true flavor of life is hidden in the aroma of a cup of coffee, in a friend's smile, or in the crimson glow of a sunset.

Happiness is not found in grand events, but in small details. The most powerful emotion that makes life worth living is love. Helping others, showing empathy, and being kind heals not only our surroundings but also our own souls. Life is a mirror that reflects back to you what you give to the universe. Life may




be short, but when it lived meaningfully, it leaves a deep mark. Remember that every morning when you wake up, you have a chance to make a new beginning. You are the author of your own story; so pick up your pen and start writing your most beautiful sentences.

**Govher SOYUNMAMMEDOVA,**
the 1st year student of the Faculty of
International Journalism.

# ADAMKÄRÇILIK — RUHY BAÝLYGYŇ GÖZBAŞY

Adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde ahlak gymmatlyklary jemgyýetiň ösüşinde esasy orny eýeläpdir. Şol gymmatlyklaryň arasynda adamkärçilik iň beýikleriniň biri hasaplanýar. Adamkärçilik – bu diňe bir gowy häsiýet däl, eýsem, ol ynsanyň içki dünýäsi, onuň başgalar bilen gatnaşygyndaky ynsanperwerligi, rehimdarlygy we hormatyň beýanydyr. Emma adamkärçiligiň garşylygy hökmünde ýüze çykýan «garasöýmezlik» düşünjesi hem jemgyýetde, isleseň-islemeseň, adamkärçilik bilen bir ýere sygyşmaýan garşylyk bolup durýar.

Garasöýmezlik – bu adamyň öz borjuna, jemgyýetdäki ornuna, özünden özgeleriň ykbalyna biperwaýlygy, «gözüniň gyýmaýanlygyny» aňladýar. Şeýle häsiýetli adamlara jemgyýetden üzňe, ynamsyz we ruhy taýdan gowşak ynsanlar diýip aýdyp bolar. Adamkärçilik bolsa munuň tersine, adamlaryň arasynda dostlugy, hormaty we ynamy ösdürýär. Bu ajaýyp ynsanlar özünden özgeleriň bähbidini öz bähbidi hasaplap, başgalaryň ýagdaýyna çyn ýürekden düşünmäge çalyşýar we olaryň kynçylygyny öz kynçylygy hasaplaýar. Şeýdibem, ol ynsanlar jemgyýetiň berk binýadyny döredýär. Olar diňe özleri üçin däl, eýsem, özgeler üçin hem ýaşaýarlar. Bu bolsa jemgyýetiň ösmegine ýiti täsir edýär.

Ýaşlarda gabat gelýän garasöýmezlik wagtyň geçmegi bilen, köplenç, çagalykdan onuň häsiýetinde jemlenýär we maşgalada terbiýe meselesindäki biperwaýlykdan, durmuş tejribesiniň ýa-da ene-ata tarapyndan täsiriň azlygyndan onuň aňynda berkeýär. Şeýle ýagdaýlarda garasöýmezlik şahsyýetiň diňe özüni pikir edip, jemgyýetdäki gatnaşyklarynyň gowşamagyna getirýär. Emma her bir şahsyýet jemgyýetdäki gatnaşyklar esasynda öz-özüni kämilleşdirip, ösdürip, häsiýetinde gowulyklary özüne nusga edinip biler. Bu ýerde terbiýe, bilim we adamlaryň täsiri uly orun eýeleýär.

Ata-babalarymyzyň pähim-paýhasynda hem adamkärçilik ýokary görlüpdir. Olar «adam bilen adamdyr» diýip, adamlaryň arasynda hormatyň we düşünişmegiň bolmagynyň zerurdygyny nygtapdyrlar. Şeýle ýörelgeler häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirmeýär. Häzirki zaman jemgyýetinde tehnologiýanyň ösmegi bilen adamlar biri-birinden daşlaşýan ýaly görünse-de, bu beýle däldir.

Adamkärçilik diňe bir uly işler bilen ölçenmeýär. Käwagt kiçijik ýagşylyklar hem uly many berýär. Mysal üçin, birine kömek etmek, gowy söz aýtmak ýa-da diňe diňlemek hem adamkärçiligiň beýanydyr. Şeýle hereketler adamlaryň arasynda ýyly gatnaşygy döredýär.

Garasöýmezlik bilen adamkärçiligiň arasynda uly tapawut bar. Birinjisi jemgyýete ýat bolmak bilen, adamlaryň arasynda sowuklygy döredýän bolsa, ikinjisi jemgyýeti ösdürýän, adamlary birleşdirýän güýçdür. Her bir adam öz kalbynda adamkärçiligi ösdürmäge, kämilleşdirmäge çalyşmalydyr. Şeýle bolanda, diňe bir aýratyn adam däl, eýsem, jemgyýetimiz hem kämilleşer.

**Güljemile DÄDEBAÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

10-15-nji maý aralygynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň başlygy Ata Serdarowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Uganda Respublikasynyň Prezidenti wezipesine gaýtadan saýlanan Ýoweri Kaguta Museweniň ýokary döwlet wezipesine resmi taýdan girişmegi mynasybetli geçirilen dabara gatnaşmak maksady bilen Kampala şäherinde saparda boldy.

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* A.Ýazweliýew, Ý.Hallyýew.
*Jogapkär kätip:* O.Çaryýarowa.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Begenjow.
*Bölüm müdiri:* B.Baýhanow.
*Edebi işgärler:* Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.
*Korrektorlar:* O.Geldiýewa, S.Çaryýew.
*Fotohabarçy:* T.Gurbandurdyýew.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com